# Garabagdan ugran iñ soñky awtobus bilen ermeniler göçüp boldy

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Garabagdan ugran iñ soñky awtobus bilen ermeniler göçüp boldy
DAGLYK GARABAGDAN UGRAN IÑ SOÑKY AWTOBUS BILEN ERMENILER GÖÇÜP BOLDY




*Azerbaýjan güýçleriniñ sebitiñ gözegçiligini ele almagynyñ yzysüre boşap galan köçeleriñ fotosuratlary ýüze çykdy.*
*Ermeniler Daglyk Garabagy taşlap gaçýar (Yrakly Gedenidze / Reuters).*

Sebitiñ täzeden Azerbaýjanyñ eline geçen gününden bäri 100 müñden gowrak ermeniniñ adatdan daşary köpçülikleýin göçhä-göçlügi ermenileri alyp barýan iñ soñky awtobusyñ Daglyk Garabagdan ugramagy bilen soñlandy.

Daglyk Garabagyñ adam hukuklary boýunça ombudsmany Gegam Stepanýan bölünişikçi anklawdan ýola çykan awtobusda agyr syrkawlary we hereket etmäge ýagdaýy bolmadyk 15 ýolagçynyñ bardygyny aýdýar.

Ermeni ygtyýarlylar halkara arenasynda Azerbaýjanyñ bir bölegi hökmünde tanalan, Sowet Soýuzynyñ dargamagy bilen birlikde bolup geçen urşuñ yzyndan onlarça ýyldyr özbaşdak döwlet hökmünde ýaşap gelen Daglyk Garabagdan 100 müñ 524 adamyñ (ýagny sebitiñ ýaşaýjylarynyñ 85%-niñ) Ermenistana geçendigini aýdýar.
Iñ soñky awtobuslaram ýola düşenden soñ Stepanekert ýa-da Azerbaýjanda tanalan ady bilen Hankendiñ merkezinden boşap galan köçeleri görkezýän iniñi düýrükdiriji wideolar ýüze çykdy.
Boşap galan çaga kolýaskalary, sallançaklar, çaga skuterleri, oturgyçlar on müñlerçe adamyñ awtobuslara we awtoulaglara münmek üçin üýşýän esasy prospektiniñ ugrunda pytrap ýatyr.
Azerbaýjan polisiýasy şäheriñ çäklerinde gözegcilik postlaryny gurdy. Rus parahatçylyk güýçleriniñ esgerleri-de şäheriñ gyra-bujaklarynda aýlanyşyp ýörler.
Soñky günlerde göçen öñki ýaşaýjylar «The Independent» gazetine bu ýerleriñ gugaryp galan haraba şäherden enaýy däldigini aýdýar.
Ermenistanyñ Goris serhet postuna baryp ýeten, öz-özüni yglan eden hökümetiñ öñki agzasy Lusine Barhurdarýan «Indi näme boljagyny bilemzok» diýdi. Yzda az sanly adamyñ galandygyny, olaryñam köpüsiniñ gidere ýeri bolmadyk garry-gurtylardygyny aýdýar. «Yza dolanmak mümkin däl. Onlarça ýyllap eden zatlarymyzyñ barsy ýok boldy».




*Garabagdaky Stapanekert ýa-da beýleki ady bilen Hankendiñ merkezi ploşady (Al Jazeera / YouTube)*

Iki tarapyñam maşgalalarynyñ öý-öwzaryndan jyda düşürilen otuz ýyldan gowrak sagt dowam eden gandöküşikli urşuñ dowamynda müñlerçe adam öldürildi.

On aý öñ Azerbaýjanyñ paýtagty Bakuda hökümet azyk, ýangyç, elektrik üpjünçiligini çäklrndirip, anklawy berk gabawa alypdy. Yzyndan 19-njy sentýabrda azerbaýjan güýçleri 24 sagat dowam eden duýdansyz hereket geçitdi. Ýarag we goşun taýdan yza galýan, gabaw zerarly mazaly gowşan bölünişikçi güýçler boýun etdi we ýylyñ aýagyna çenli hökümetlerini ýatyrmak hakdaky talaby kabul etdi.

Baku Azerbaýjana täzeden birikdirilende Daglyk Garabagdaky etniki ermenileriñ hak-hukuklaryna gorajakdygyna söz berdi. Emma halk köpçüligi ene diliñde gepleşmek, dini we medeni däp-dessurlary berjaý etmek ýaly azatlyklar bilen birlikde zulum görmekdrn gorkup gaçdy.

Arasynda öñki premýer-ministrlerinden Ruben Wardanýanyñam bolan Garabag ermenileri birnäçe syýasy we polisiýa ýolbaşçysynyñ Ermenistana geçmäge synanyşanda Azerbaýjan tarapyndsn tussag astyna alynmagy howsalany hasam artdyrdy.

Wardanýanyñ maşgalay duşenbe güni beren beýanatynda tussag astyna alynandan bäri Ruben bilen gepleşip bilmändiklerini aýdyp, halkara jemgyýetçiligi kömege çagyrdy.



*Sebitiñ ýaşaýjylarynyñ awtobuslara münmek üçin garaşýan köçesinde taşlanan çaga kolýaskalary we el arabalary (Al Jazeera / YouTube)*

Beýanatda «Saglygyny we ony horlarlar diýip alada edýäris, şeýle-de ele salynan wagtyndan bäri onuñ bilen gepleşip bilmedik. Onuñ saglygy ýaramazlaşar diýip gorkýarys» diýildi.

Şeýle hem azerbaýjan prokuraturasy sentýabr aýynyñ başynda wezipeden gitmezinden öñ sebiti dolandyran Daglyk Garabagyñ öñki ýolbaşçysy Araýik Harutýunýany-da tussag etmek hakda buýruk çykardy.

Azerbaýjanyñ prezidenti Ilham Aliýew duşenbe güni eden çykyşynda ýurdunyñ «agzalalyga soñky nokady goýandygyny» aýtdy. «At-abraýymyzy, mertebämizi goradyk, adalaty we halkara hukugy täzeden ýola goýduk.

Biziñ maksadymyz Kawkazda parahatçylyk, sebitde parahatçylyk, hyzmatdaşlyk we umumy bähbitler. Häzirem şuny amala aşyrýarys».

Ermenistanyñ premýer-ministri Nikol Paşinýan ermenileriñ Daglyk Garabagdan köpçülikleýin ýagdaýda göçmeginiñ «gönüden-göni etniki arassalaýyş we halky dogduk depelerinden jyda düşürmek çäresidigini» aýdýar.

Penşenbe güni Ermenistanyñ Ýewropa bileleşigindäki ilçisi Daglyk Garabag anklawyndaky operasiýalary sebäpli Azerbaýjana sanksiýa goýmaga çagyrdy we Günbataryñ berk çäreleri

girizmedik ýagdaýynda Bakunyň ýakynda Ermenistana çozup biljekdigini duýdurdy.
Tigran Balaýan azerbaýjan nebit-gazynyň bahasynyň galmagy we Baku bilen has ýakyn gatnaşyklaryň gurulmagy ýaly ÝB-niň geçirýän duşuşyklarynyň goýbolsun edilmegi ýaly sanksiýalary girizip boljakdygyny aýdýar.
Balaýan «Ermenistana çozma ähtimallygynyň ýakyndygy diňe ermeni hökümetiniň däl, eýsem bileleşige agza bolup duran käbir ýurtlaryňam pikiridir» diýýär.

Bel TREW.

Penşembe, 05.10.2023 ý. Publisistika